# Geçmişde ýaşamak

Category: Kitapcy,Psihologiýa,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Geçmişde ýaşamak GEÇMIŞDE ÝAŞAMAK




Palestina-Ysraýyl problemasynyñ jedelleri hemişe «geçmişiñ» üstünden edilýär:
Käbiri taryhy Osmanla, käbiri 1948-nji ýyldaky Arap-Ysraýyl urşunyñ yzyndan gurlan Ysraýyla, kåbiri 1967-nji, 1973-nji ýyllaryñ uruşlaryna, ýa-da käbirleri has öñki döwürlere – biziñ eýýamymyzdan öñki öñki döwürlere çenli baglanyşdyrýar.
Taryhy ýatdan çykarmaly diýjek bolamok, ýöne häzir taryhy yzygiderliligiñ ýoýulyşynyñ üstünde durup geçmekçi.
Geçmişi diñe ýatlap oñmak bilen geçmişe ýapyşyp ýatmagyñ arasyndaky uly uçurymdan söz açmakçy.
Şuny gözleýärin:
Zol geçmişe seredip, elmydama geçmişde ýaşap şu günüñ problemalaryny çözüp bolarmy?
Geçmiş geljegiñ elden giderilmegine sebäp bolanokmy?




Bu sowallar meni nemes filosofy Walter Benýaminiñ nemes gizlin polisiýasy Gestapodan gizlenende ýazan «Gündeligine» äkitdi: «Taryh düşünjesi boýunça tezisler».
Dokuzynjy tezisde ýüzüni geçmişe öwren perişdeden söz açýar. Taryhyñ perişdesi hasaplanýan bu magnawy barlyk tragediýanyñ we bibatçylyk şekilleriniñ arasynda bir heläkçilige gözi düşýär we ol ýerde galyp parçalananlary bir ýere jemlemek üçin jan edýär. Gaýta-gaýta parçalananlara gidýär. Perişde gözüni geçmişden aýryp bilmeýär we geljege syrtyny öwürýär…
Walter Benýamin taryh pelsepesinde «häzirki zamany» taryhyñ esasy hanasynda akymyñ ugruna yñdarylyp giden passiw ulanyşdan

çykaryp, täze syýasy we ahlak düzgünininñ başlangyjy hökmünde baha berýär…
Diñe Palestina-Ysraýyl çaknyşyklary babatda däl, türk syýasat çekişmelerinde-de geçmiş elmydama esasy tema bolup gelmedimi? Eýse nämüçin şeýle bolýar? Bir sebäbi bolmaly dälmi?




* * *

Uruşlar, gandöküşlikler, ýitgiler, islenmeýän düýpli üýtgeşmeler şahslarda we jemgyýetde çuññur yz galdyrýar.
Bh trawmatiki hakyda diñe bolup geçen döwrüne däl, geljekki nesillere-de ýiti täsirini ýetirýär.
Trawmatiki ýitgilere uçran şahslar, jemgyýetler eger başdan geçiren matamlaryna garşy döz gelmegiñ emellerini öwrenmese, durmuşyñ maksady geçmişde aslyşyp galýar!

Matamyny ýeňip bilmedikler ne-hä häzir, ne-de geljek zamanda ýaşaýar, ikijahan owarrasy bolup ýaşaýar!
Özem şu aýdýanym psihologiýanyň çözmeli meselesidir:
Hemişe geçmişe aslyşyp ýatmak, yzygiderli geçmişi agzap durmak we yzygiderli geçmişi küýsemek, şumatky özüňizi, häzirki duran ýeriňizi, häzirki wagtyňyzy elden sypdyrmagyňyza we şeýdibem gekjegi sagdyn binýadyň üstünde gurmagyňyza päsgel berýän oňaýsyz çemeleşmä öwrülýär…
Psihologiýa adamy «geçmişe baglylyk trawmasyndan» halas bolmagyň ýollaryny görkezýär.
Eýse, jemgyýet näme? Eýse, ýurt näme?
Toparyň identiçnostyny kemala getirmek, gahar-gazaby täzeläp durmak, ar almak üçin syýasatyňam obýektine öwrülen geçmişi ulanmak baknalygyndan nädip halas bolunarka? «Gurban-hüjüm ediji» ikilemesinden nädip çykylmaly?
Gözden sypan bu hakykat köp sanly syýasy problemanyň gözbaşy dälmi?
Jemgyýetçilik abatlanşygy nädip etmeli?
«Keseki» bilen ýaraşylmaly?
Adamlar ala tutulmazdan nähili gowy görülmeli?




* * *

Gürrüňsiz, agyr weýrançylyklary ýatdan çykarmak kyn.

Gürrüňsiz, zuluma uçranlaryň çeken jebri-jepalaryny ýatdan çykarmak kyn.

Gürrüňsiz, hak-hukuk bozulmalaryny unutmak kyn.

Emma, geçmiş geçmişde galdyrylmasa, nädip parahatçylyk bolmaly? Howpsuz atmosferany nädip üpjün etmeli? Jemgyýetçilik baglanyşyklary ýa-da ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklar nädip ýola goýulmaly?

Şumatky ýürek paralaýjy günlerde bu sowallary orta atmak juda

kyn. Haýsy birimiziñ jany ýananok? Ýönekeý raýatlaryñ ölümlerini sessizje synlap oñaýmak juda kyn…
Emma… Ýaraşyk bolmasa bu gan akmagyny dowam etdirer.




«Mäti» ýa-da «Isa Mesih» gelmezdenem adamzat parahatçylyga ýetip bilmezmi? Ýa beter utopiki pikirleri ýöredýärinmi? Ýok-la.
Hem bir zady bilýärin, ýaraşmak hiç añsat däl. Radikal toparlaryñ ýa-da döwletleriñ yzygiderli ýagdaýda geçip giden trawmalaryñ üstünden emele getiren syýasat diline garşy göreş munuñ ilkinji ädimi bolup biler.

Ilki bilen şu meselede bir pikirde bolmaly:
Uruşyñ gowusy, ýaraşygyñ erbedi bolmaz.
Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 19.10.2023 ý. Publisistika